Kompýuterde işlemek – bu arassa intelektual zähmetdir. Şonuň üçin hem agramyň esasy bölegi nerw sistemasyna  ýagny kelle beýnisine düşýär. Çagalaryň we ýetginjekleriň köp wagtlap kompýuteriň öňünde oturmaklary nerw sistemasynyň bozulmagyna, ukynyň bozlmagyna, özüni duýuşynyň erbetleşmegine getirip biler  hem-de kelle agyrynyň döremegine sebäp bolup biler. Kompýuter bilen meşgullanýan çagalaryň ýadowlygynyň derejesi köplenç halatda diňe prossesiň yzgiderliligi bilen bagly bolman eýsem onuň mazmunyna hem baglydyr.

Köplenç reaksiýanyň çalasynlygyna niýetlenen, “atyşmak”, “öldürmek”, “kowalaşmak” ýaly harbylaşdyrylan hereketli kompýuter oýunlar çagalary ýadatýar diýip hasap edilýär. Şular ýaly özüne çekiji oýunlaryň täsiri astynda çagada agressiw we rehimsiz özüni alyp barmagy mümkin diýip Psiholoklar we mugallymlar duýduryarlar.

Çaga psihikasy emele geliş tapgyrynda ejizdir,şonuň üçin kompýuter oýunlary çagalaryň akyl we intellektual ösüşiniň bozulmagynyň sebäbi bolup bilýär.Netije-de, ýetginjekleriň köpüsi iň ýönekeý algebrik meseleleri we logiki pikir ýöredip bilmeýärler.

Kompýuter oýunlaryna we internete bolan höwes, sosial ulgamlarynda uzak wagtlap bolmaklyk çagalaryň psihikasyna täsir edýär. Ýetginjekler ýaramaz endiklere şol sanda komýutere hem örän çalt endik edýärler. Bu bolsa , çagalaryň real duýgylaryň ýitmegine, keýpiniň çalt çalyşmagyna, çaga hyýaly pikirlenmäni bes edýär, öz wizual şekillerini döredip bilmeýär, maglumaty kynlyk bilen kabul edýär we seljerýär, ýatkeşligi erbetleşýär. Köp kompýuter oýunlary hatda ukyny we naharyň, deň-duşlary bilen hakykat ýüzünde gürleşmäniň hem ýerini tutyp bilýär. Şularyň ählisi çagalaryň kompýuter baglylygynyň alamatlarydyr.

Kompýutere baglylyk çagalaryň psihikasyna düýpli täsir edýär, bu prosessleri wagtynda saklamasaň netijede, diňe psihiatoryň kömegi bilen gutulyp boljak birtopar meseleler ýüze çykyp biler we çaga psihikasyna çynlakaý howplydyr. Adatça boluşy ýaly ene-atalar muňa giç düşünýärler we çaga gygyryp, gorkuzyp, olara temmi berýärler jogabyna bolsa çagalar agressiw  özini alyp barma, dawaçyl ýa-da öz-özüne gulplanyp galýar.

**Laçyn MAMEDSOÝUNOWA**
**Halkara ynsanperwer**
**ylymlary we ösüş**
**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024